# Galstuk

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 26 января, 2025
Galstuk GALSTUK



Erkekler baryp-ha 2.000 ýyl mundan ozal hem galstuk dakynýar ekenler. 1974-nji ýylda biziň eýýýamymyzdan öňki 2-nji asyrda ýaşan Hytaý imperatory Çin Şi Huang-tiniň mazary açylyp görlende, şol mazardan galstugyň in gadymy nusgasy tapylypdy. Imperator bilen bile gömlen toýundan ýasalan 7.500 sany esger heýkeliniň hersiniň boýnunda tertiplije daňlan boýunbaglary bar ekeni. Dünýä medisinasynyň kerwenbaşysy hasaplanýan hytaýlylar bedeniň iň möhüm nokatlarynyň ýerleşýän ýeri bolan

boýny daňy bilen gorap saklapdyrlar. Rimli esgerler hem ýörişe çykanlarynda boýunlaryna «Focale» atly mata oraýar ekeni. «Krowat» sözi bolsa (türk dilinde galstuga «krawat» diýilýär) ýewropa dillerine horwatiýaly esgerleriň bezelen boýunbaglarynyň Parižе ýaýramagy bilen giripdir. XVII asyrda 30 ýyl dowam eden urşa fransuz korolynyň goşunynyň hatarynda gatnaşan horwatiýaly esgerleriň boýunlaryna daňan matalary Parižde nysaga öwrülipdir. Lui 14-nji goldansoň, ol nysak has-da rowaçlanypdyr.

• **Galstuk mertebäňi görkezýär**

«Mithat Selection» şereketiniň taýýarlan «Galstuk» atly kitabynda galstugyň XVII asyryň ortalarynda bezeg üçin, mertebe üçin ulanylyp başlanandygy aýdylýar. Kitapda galstugy sowukdan goranmak üçin däl-de, bezeg üçin, mertebe üçin ulanýan erkeklere galstugy aýawly saklamagyň ýollary, renkleriň we nagyşlaryň aňladýan manylary, galstugy dakmagyň görnüşleri baradaky maglumatlar hem berlipdir.

Galstugyň reňklere we nagyşlara baý bolmagy erkekleriň çal, mawy renkli eşiklerine üýtgeşik gelşik berýär. 1980-nji ýyllara çenli geçen 150 ýylyň dowamynda erkeklerin arasynda anglasakson tipli geýinmek güýçlüdi. Şol döwürde ençeme meýli ýurtda galstugyň biçüwleri we dakylyşynyň görnüşleri meňzeşdi. Galstuk dünýä ýaýransoň, onuň biçüwi, reňki, nagsy we dakylyşy dürli görnüşe eýe boldy: galstuk uzaldy, gysgaldy, giňeldi, inçeldi käte bolsa insizje deri bölejiginden ybarat boldy. Galstuk ini, boýy, reňki, nagşy, matasy, dokalyşy, görnüşi boýunça birnäçe alamatlary özünde jemleýär. Ol alamatlar galstugy dakynýan adamyň gözellik duýgusyny, bilim-terbiýe derejesini, edebini, häsiýetini, synpy derejesini, mertebesini Amerikada we Angliýada ýokary synpa degişliligi alamatlandyrýan ýörite galstuklar bar.

• **Aýallar kän ähmiýet bermedi**

Erkekleriň 30 ýyldan bari ulanyp gelýän galstuklaryna aýallar kän ähmiyet bermedi.

Aýallar Ikinji jahan urşuna çenli galstuga köpräk ýykgyn edipdiler. Ençeme ýurtlarda entek saýlama we saýlanma

hukugyndan mahrum bolan aýallar özleriniň erkekler bilen deňdiklerini görkezmek üçin galstuk dakynypdyrlar. Türkiýede-de Atatürk döwründe halk deputaty bolan ilkinji aýallaryň käbiri galstuk dakynypdy. Türkiýede ilkinji galstuk dakynan adam osmanly patyşasy Abdulmejitdi. Galstuk Osmanla 1860-njy ýyllarda ýaýrapdy.
Türkiýe Respublikasy döredilensoň, ýurduň içinde-de galstuk tikilip başlandy, ýöne şeýle-de bolsa, Ýewropadan getirilen galstuklar has geçginlidi.

Şemsinur BEKDAŞ. Edebi makalalar